# TÜRKMENISTAN | TURKMENISTAN

TIER 1 | USCIRF-RECOMMENDED COUNTRY OF PARTICULAR CONCERN (CPC)

ABŞ-nyň Halkara Din Azatlygy baradaky Komissiýasy (ABŞHDAK, iňlisçe "USCIRF") ABŞ-nyň daşary ýurtlarda din ýa-da ynanç azatlygy hukuklaryna gözegçilik edýän garaşsyz we iki partiýaly hereket edýän federal hökümet komissiýasydyr. ABŞHDAK 1998-nji ýylda kabul edilen Halkara Din Azatlygy baradaky Kanun (IRFA) esasynda döredilip, din we ynanç azatlygy hukuklaryna gözegçilik etmekde halkara standartlaryna gollanýar we Prezidente, Döwlet Sekretaryna we Kongrese syýasy geňeşdarlyk edýär. ABŞHDAK ABŞ-nyň Döwlet Departamentinden garaşsyz aýrybaşga we özbaşdak gulluk hökmünde herejet edýär. 2019-njy ýyla degişli Ýyllyk hasabatda ýylyň dowamynda komissiýanyň wekilleri we professional işgärler tarapyndan öz ýerinde düzgün bozmalary resminamalar bilen berkitmek we ABŞ hökümetine garaşsyz syýasy maslahatlary bermek boýunça edilen işler jemlenýär. 2019-njy ýylyň Ýyllyk hasabaty 2018-nji ýylyň ýanwar aýyndan 2018-nji ýylyň dekabr arasyndaky döwri öz içine alýar, muňa garamazdan käbir halatlarda bu wagt çäginden öň ýa-da soň bolup geçen möhüm wakalar hem bellenip geçilýär. ABŞDHAK barada giňişleýin maglumat almak üçin edaranyň şu ýerden internet saýtyna girmek ýa-da 202-523-3240 telefon belgisine jaň etmek arkaly ABŞDHAK gönüden-göni ýüz tutuň.

**Türkmenistan**

**Esasy netijeler:** 2018-nji ýylyň dowamynda Türkmenistanda dini azatlygyň ýagdaýy üýtgemezliginde galýar. Türkmenistan öňki Sowet Soýuzynyň çäklerindäki iň ýapyk döwlet hasaplanýar. Bu ýagdaý dini azatlyklar meselesinde özüni görkezip, 2018-nji ýylda Türkmenistanda dini azatlyklaryň aýratyn agyr bozulmalary saklanyp galýar. Ýurduň hökümeti soňky dört ýylda ilkinji gezek dini ynanjy we başga sebäplerden ötri harby gullukdan ýüz öwürýän raýatlary tussag etmäge başlady. Döwlet ähli garaşsyz dini hereketlere şübheli garaýar we olary ýurduň çäginde we daşary ýurtlarda gözegçilik astynda saklamak üçin uly döwlet gözegçilik apparatyny ýöredýär. Türkmenistanyň kanuny dini toparlaryň ähli içgin kriterilerini görkezmek arkaly hasaba alynmagyny talap edýär, hasaba alnan dini toparlaryň işine berk gözegçilik edýär, hasaba alynmadyk toparlary gadagan edip, olary jezalandyrýar. Dini jenaýatçylyk etmişleri üçin aýyplanan adamlaryň kazyýet işleri ýapyk görnüşde geçirilip, kazyýetyň olar üçin kabul eden çözgütleri gizlin bolmagynda galýar. Dini jenaýatçylyk etmişleri üçin türmä basylan adamlar döwletiň türmelerinde ýok bolup gidýär. Maglumatlara görä olar ady belli Owadandepe türmesinde saklanyp, bu türmede adamlar gynamalardan we açlykdan ölýärler. Muňa garamazdan, Türkmenistanda garaşsyz köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýoklugy we hökümet edaralary tarapyndan adam hukuklarynyň we dini azatlyklaryň bozulmagy barada meseleleri köpçülige ýetirýän jemgyýetlere, maşgala agzalaryna we beýleki adamlara howp abanýandygy sebäpli dini yzarlamalaryň doly derejesi belli däl.

Yzygiderli, ulgamlaýyn we ýowuz alnyp barylýan hukuk bozulmalaryny delil hökmünde görkezip, ABŞHDAK Halkara Din Azatlygy baradaky Kanun (HDAK, iňlisçe “IRFA”) esasynda Türkmenistanyň “aýratyn alada döredýän ýurt” ýa-da AADÝ diýip bellemegiň maksadalaýykdygyny ýüze çykardy. Amerikanyň Birleşen Ştatlaryň hökümeti Türkmenistany 2014-nji ýyldan bäri AADÝ hökmünde ykrar edip, 2018-nji ýylyň noýabr aýynda gaýtadan belledi. Döwlet Departamenti bolsa häzirki wagtda “Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň möhüm döwlet bähbitleri” üçin Türkmenistana garşy goýlan sanksiýalary ýatyrdy. ABŞHDAK Döwlet Departamentine Türkmenistanyň gaýtadan IRFA esasynda AADÝ diýlip bellenmegini maslahat berýär.

**ABŞ-nyň Hökümetine Maslahatlar**

- Türkmenistan hökümetiniň dini azatlyk boýunça dowam edýän hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilige çekilmegi üçin Türkmenistanyň AADÝ statusynyň netijesinde sanksiýalary ýatyrmak hukugyny aýyrmak.

- Adam hukuklary üçin jogapkärçilik çekmek barada bütindünýä Magnitskiý Kanunynda, belli-belli dini azatlyklaryň bozulmalary üçin gollanylýan degişli kararlarda bellenip geçilenler esasynda Türkmenistanyň hökümetiniň din azatlygy hukuklarynyň gödek bozulmagyna gatnaşýan edaralaryny we hökümet wekillerini ýüze çykarmak, olaryň emläklerini hereketsiz goýmak, olaryň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň çäklerine girmegini gadagan etmek.

- Türkmenistanyň ýokary derejeli hökümet wekillerini parahatçylykly dini işjeňlikleri üçin ýa-da dini ynançlary esasynda tussag edilen adamlaryň azat edilmegini, tussagda saklanýanlary “ýitirmegi” bes etmegi, ähli tussaglaryň saklanýan ýerleri barada hasabat bermäge çagyrmaly;

- Türkmenistanyň içindäki ýagdaýlara, şol sanda dini azatlyga degişli senzuradan geçirilmedik maglumatlaryň ýaýradylmagy üçin ABŞ-nyň Azatlyk Radiosyna, Azatlyk Radiosynyň Türkmen Gullugyna (Radio Azat Ýewropa/Azatlyk Radiosy) maliýe goldawyny bermäge dowam etmeli.

**Meseläniň taryhy**

**Türkmenistan**
**Doly ady:** Türkmenistan
**Hökümet:** Prezident Respublikasy
**Ilaty:** 5.411.012
**Döwlet tarapyndan ykrar edilýän dinler:** Doly din erkinligi bilen dünýewi döwlet. Iş ýüzünde, hökümet hanapy yslama we prawoslaw hristianlyga ýeňillik berýär.
**Dini ilaty*:**
89% musulman (esasan hanapy sünni)
9% prawoslaw hristian (rus we ermeni)
2% beýleki (şol sanda protestanlar, katolikler, Ýegowanyň şaýatlary, şaýy musulmanlar, buddistler, ýewreýler, bahaýylar)
*Çaklamalar Merkezi Razwedka agentliginiň Dünýä döwletleri barada kitaby we ABŞ Döwlet Departamentinden alyndy.

Türkmenistan Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygy astynda dolandyrylýan ýokary awtoritar režim bolup durýar. Ol şahsyýet kultuny ulanmak arkaly, halk tarapyndan hususy eýeçilikdäki awtoulaglaryň reňki barada buýruk çykarmak ýaly öz şahsy ynjyklyklaryna boýun egilmegini talap edýär. Ýurduň öňki sowet döwründäki prezidenti, 2006-njy ýylda aradan çykan Saparmyrat Nyýazow hem ýurdy şahsyýet kulty bilen dolandyrdy, munuň çäginde aýlaryň atlaryny öz islegine, abraýyna görä üýtgetdi, "Ruhnama" atly ýarysy öz terjimehalyndan ybarat ahlak taglymatyny öňe sürdi we Türkmenistanyň orta mekdeplerinde, ýokary okuw jaýlarynda we hökümet edaralarynda okadylmagyny talap etdi. Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň başynda döwlet ýolbaşçylygyna geçeninden soň Nyýazowyň şahsyýet kultuna belli çäklendirmeleri girizdi, iki sany adam hukuklary baradaky resmi komissiýalaryny esaslandyrdy, 13 sany kiçi dini topary hasaba aldy, şeýle-de ýurduň çägindäki syýahatçylyk üçin polisiýa gözegçiligini ýeňilleşdirdi.

Muňa garamazdan. Prezident Berdimuhamedow wagtyň geçmegi bilen ýurduň agyr kanunlaryna onçakly köp özgertme girizmän, doly gözegçilik etmäge ukyply döwlet strukturasyny elinde saklaýar we öz şahsy ygtyýarlaryny güýçlendirýär. Hakykatda, 2016-njy ýylda kabul edilen konstitusiýa bilen prezidentligiň ýaş çägi aradan aýryldy, Prezident Berdimuhamedow 2017-nji ýylda halkara synçylaryň adalatsyz diýip hasaplan saýlawynda 97 % ses bilen gaýtadan saýlandy. Ygtyýarlar we gözegçilik örän çäkli şahslarda ýa-da toparlarda bolup, türkmen hökümeti 2018-nji ýylda habarlaryň erkin ýaýramagynyň öňüni almaga dowam edýär, bu işleriň çygrynda elektron kommunikasiýa berk gözegçilik edilýär, žurnalistler gynalýar we tussag edilýär. Maý aýynyň 9-ynda, degişli gulluklar RFE/RL, ýagny Azatlyk radiosynyň žurnalisti Soltan Açylowany tussag edip, ony bilkastlaýyn goýlan neşe serişdeleri bilen haýbat atdylar, ony goýberilmezden öňürti "RFE/RL" radiosyndan işden çykmaga mejbur etdiler.

Türkmenistan Owganystanyň demirgazyk bölegi bilen serhetdeş bolup, serhediň beýleki tarapyndan 250.000-e golaý türkmen ýaşaýar. Türkmenistanyň hökümeti olaryň arasynda yslam ektremizmiň tarapdarlarynyň bardygyny öňe sürýär. Netijede, hökümet dini ekstremizmiň serhetden geçip Türkmenistana ýaýramak howpy barada aladalanmaga dowam edýär. Owganystanyň serhet zolagynda ýaragly toparlar, kontrabandistler we taliban harbylar bilen wagtal-wagtal çaknyşyklar ýüze çykýar.

## Dini Azatlyk Ýagdaýy 2018

***Hökümetiň Dini Hereketlere Kanuny Gözegçiligi*** Döwletiň konstitusiýasy dini azatlygy, diniňi üýtgetmegi we ýagdaýyňy üýtgetmegi, kanunyň öňünde deňligi kepillendirýän hem bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygy we alyp barýan syýasaty bu kepillikleri bozýar. 2017-nji ýylyň mart aýynda, Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Adam hukuklary baradaky Geňeşiniň "Türkmenistan döwletiniň köpugurly döwürleýin synyna" gatnaşan birnäçe gatnaşyjy döwletler ýurduň kanunçylygynyň, ylaýta-da 2016-njy ýylda güýje giren dini azatlyk barada kanunyň dini ynanç we ygtykatlary, dini toparlaryň hasaba alynmagyny, dini edebiýatlaryň ýurduň çägine getirilmegini we ýaýradylmagyny çäklendirýändigini aladaly belläp geçdiler. Täze kanuna laýyklykda dini jemgyýeti esaslandyrmak üçin iň az agza 5 sany kämillige ýeten raýatdan 50 adama çenli ýokarlandyryldy, şeýlelikde kiçi toparlar bikanun hasaplanyldy. Mundan başga-da, bu kanunda öňki kanunçylyk namalaryndaky berk düzgünlere salgylanylýar, muňa berk hasaba alyş kriterileri, hasaba alynmadyk toparlaryň işleriniň gadagan edilmegi, ähli daşary ýurt maliýe goldawlary barada hökümetiň habarly edilmegi, hususy ýaşaýyş jaýlarynda ybadat etmegiň we hususy dini bilim almagyň gadagan edilmegi, dini wekillere diňe köpçülik ýerlerde lybas geýmäge rugsat berilmegi ýaly halatlar degişlidir. Ýaňy-ýakynda hökümet edaralary 40 ýaşdan kiçi erkek adamlaryň doly sakally gezmezligi barada resmi däl gadaganlyk girizip, bu ýagdaýa yslam ekstremizminiň alamaty hökmünde garaýandygyny mälim etdi. Ýaş oglanlar polisiýa gulluklary tarapyndan tertip boýunça saklanýar, sakallaryny syrmaga mejbur edilýär we jerime töledilýär.

Ministrler Kabinetine hasabat berýän Dini guramalar bilen işleşmek we dini maglumatly gollanmalaryň we neşirleriň bilermen seljermesi boýunça topar (DGIT, iňlisçe "CWRO") Adalat ministrligine gitmezden öňürti hasaba almak barada arzalary tassyklamaly. Hasaba alynmadyk toparlara ybadathana üçin ýer kärendesine almak, satyn almak ýa-da gurluşyk etmek gadagan edilýär. Adalat ministrliginiň resmileri hasaba alnan dini jemgyýetiň dini çärelerine gatnaşyp, agzalara öz dini işleriniň aýratynlyklary barada sorag berip bilýärler. Hasaba alnan dini jemgyýetler her üç ýyldan gaýtadan hasaba alynmaga degişli bolup, dini işjeňlikler türmede we harby gullukda gadagan edilendir.

Türkmenistan hökümetiniň beren maglumatlaryna görä, 2018-nji ýylyň ýanwar aýynyň ýagdaýyna 131 sany hasaba alnan dini gurama bar, muňa 108 sany musulman (103 sünni we 5

şaýy), 12 prawoslaw hristian, we 11 sany beýleki toparlar girýär. BMG-nyň Köpugurly döwürleýin syn boýunça Iş topary Türkmenistanyň 2017-nji ýylda bäş sany täze toparyň hasaba alnandygyny tassyklady, muňa garamazdan birnäçe şaýy musulman toparlary, ermeni apostol kilisesi, protestant mezhepler, Ýegowanyň şaýatlary ýaly käbir jemgyýetleriň hasaba almak barada arzalarynyň kabul edilmändigini belledi. Gelip çykyşy türkmen bolan musulman däl jemgyýetleri hasaba almagyň aňsat däldigi ýüze çykdy. 2018-nji ýylyň ýanwar aýynda azyndan 6 sany ýewangel kilisesiniň hasaba alynmagyna 2016-njy ýyldan bäri garaşylýandygy, olaryň gizlin ybadat etmäge mejbur edilendigi, tussag edilendigi we reýdleriň guralandygy aýdylýar. Ýegowanyň şaýatlarynyň aýtmaklaryna görä, 2017-nji ýylyň sentýabr aýyndan 2018-nji ýylyň awgust aýyna çenli degişli gulluklary agzalara yzygiderli çäreleri geçiripdir: polisiýa gullugy dini duşuşyklara we hususy öýlere 5 gezek reýd we gözleg geçirilldi, 17 kişi tussag edildi, 2 kişi gynalyp uruldy, dini işjeňlik üçin 12 jerime töledildi.

Mundan başga-da, Türkmenistan hökümeti dini azatlyklaryň berjaý edilmegi üçin näbelli şertleri goýýar, dini ýolbaşçylaryň we ynanýanlaryň Milli howpsuzlyk ministrliginiň gizlin gullugy bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edilmegi talap edilýär.

***Dini işjeňlikler üçin jeza:*** Türkmenistanyň hökümeti dini işjeňlikler üçin dini jemgyýetleriň agzalaryny türmä basmak, zorluk bilen derman bermek, gynamak ýaly çärelere ýüz urýar. Soňky ýyllarda musulmanlar, protestantlar we Ýegowanyň şaýatlary wagtlaýyn tussag edildi, jerime töledildi, azatlykdan mahrum edildi ýa-da öz dini ynançlary üçin ýurduň çäginde sürgün edildi. Syýasy taýdan seresaply hereket edýän kazyýet duşuşyklary "ýapyk" geçirilýär, azatlykdan mahrum ediş jezalary gizlinligine galýar. Azatlykdan mahrum edilenden, ýagny iş kesilenden soň, tussaglar yzygiderli aç saklamak, fiziki taýdan gynamak, ýokanç kesellere ýolukdyrmak ýaly agyr we gözgyny şertlere sezewar edilýär. Syýasy sebäplerden tussag edilenleriň köpüsi, şol sanda dini ynanjy sebäpli tussag edilenler döwletiň türme ulgamynda "ýok bolup gidýärler". Kähalatlarda, tussag uzak wagtlap hiç kime görkezilmänden soň edaralar tarapyndan olaryň aradan çykandygy barada bildiriş berilýär. Şeýle "dereksiz ýitenleriň" Garagum çölünde açylan we resmi ady AN-T/2 bolan Owadandepe türmesinde saklandygy barada gürrüň edilýär. 2016-njy ýylyň dekabr aýynda, BMG-niň Gynama garşy topary Owadandepe türmesindäki "birnäçe" tussaglaryň boýun almagy üçin gynamalara sezewar edilmegi, aradan çykmagy, tussaglary gynamaga gatnaşýan döwlet işgärleriniň "eldegirmesizligi" barada "örän alada edýändigini" beýan etdi.

Şeýle "ýitirim edilmeleriň" Prezident Nyýazowyň ýolbaşçylyk eden ýyllarynda 2000-nji ýyllaryň başlarynda köp bolupdy. Bu hadysalar Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwründe azalan hem bolsa dowam etdirildi, onuň hökümeti öň "ýitirim edilenleriň" jezalaryny we şertlerini goldamak bilen, halkara guramalara we BMG-a tussaglar barada maglumat bermeýär. Ýagdaýlaryň şeýledigine garamazdan, soňky ýyllarda käbir oňyn işler geçirildi. 2016-njy ýylda, degişli gulluklar "ýitirim bolan" tussaglaryň jesetlerini jaýlanmagy üçin maşgalalaryna berip

başlady. 2018-nji ýylyň iýun aýynda, hökümet az sanly maşgalany Owadandepe türmesindäki “ýitirim edilen” tussag hossarlary, şol sanda yslam ekstremizmi bilen aýyplananlary bilen duşurdy.

***Musulmanlar:*** Hökümetden ýeterlik maglumat alyp bolmaýandygy sebäpli, din sebäpli tussag edilenleriň takyk sany ýok. Türkmenistan 2018-nji ýylda BMG-niň Zorlukly ýa-da biygtyýar ýitirim bolmalar barada iş toparyna takmynam 120 sany diýlip çaklanýan ýiten tusaglaryň 30 sanysynyň yslam ekstremizmi bilen aýyplanyp, sekiz ýyldan 25 ýyla çenli azatlykdan mahrum edilendigi barada maglumat berdi. Az sanly ýagdaýlarda dini ekstremizm bilen aýyplanýanlar hiç hili zorluk ulanmaýan dini jemgyýetleriň agzalary we howpsuzlyk gulluklary bilen hyzmatdaşlyk etmeýän adamlar bolup durýar. Käbir halatlarda bolsa ekstremizm sebäpli şübhe bilen iki ýarym we üç ýyl aralygynda ýyl kesilen tussaglar türmede wagty has agyr jenaýatlarda aýyplanyp, has uzak möhletläp tussag edilýär, şol jezalaryň jikme-jiklikleri bolsa näbelli. Çeşmeleriň aýtmagyna görä, dini aýyplamalar sebäpli azatlykdan mahrum edilen dört tussag türmede aradan çykdy.

Türkmenistanyň resmileri 2016-njy ýylda häzirki wagtda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ýaşaýan türk ruhany Fethullah Güleniň hereketi bilen baglanyşykly 150 sany işewüri we türkmen-türk mekdepleriniň mugallymlaryny hem-de uçurymlaryny tussag etdi. 2017-nji ýylyň fewral aýynda, şol tussag edilen raýatlaryň 18 sanysyna ady agzalmadyk terrorçylyk toparyna goşulandygy üçin 12-25 ýyl aralygynda ýyl kesildi. Bu tussag etmeler Güleni 2016-njy ýylda hökümetini agdarmaga synanyşykda aýyplan Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýýip Ärdogan üçin hoşniýetliligiň görkezijisi hökmünde berlipdi. Aýyplananlaryň birnäçesiniň Owadandepe türmesine ugradylandygy barada maglumat bar. 2017-nji ýylyň dekabr aýynda, BMG-niň Esassyz tussag etmek barada Iş topary 18 sany kazyýet işinde uly kemçilikleriň bardygy we delilleriň esassyzdygy barada çözgüt kabul etdi.

2017-nji ýylyň ýanwar aýynda “dini, milli we jemgyýetçilik gymmatlyklaryna ýigrenç, duşmançylyk” bilen aýyplanyp, ýitirim edilen musulman syýasy tussag Annamyrat Atdaýew barada 2018-nji ýylyň dowamynda maglumat alyp bolmady. Atdaýewiň ýitirim boluşy degişli edaralaryň ony berk gözegçilikde saklanýan türmä ugratmagy bilen döräp, onuň Owadandepededigi çaklanýar. Onuň anyk nirededigini hasabat döwründe anyklamak başartmady.

2018-nji ýylyň iýul aýynda, 2017-nji ýylda türkiýeli din alymy Said Nursiniň eserlerini ara alyp maslahatlaşmaga bagyşlanan ýygnanyşyga gatnaşandygy üçin 12 ýyl azatlykdan mahrum edilen bäş adamyň işi kazyýetde seredildi. Hasabat ýylynyň ahyrynda, olaryň agyr zähmet bilen düzediş edaralarynda bolmagy barada jeza berlendigine garamazdan, olaryň dördüsi Owadandepe türmesinde saklandy.

***Protestantlar we Ýegowanyň şaýatlary*** 2018-nji ýylda, Türkmenistanyň hökümeti hasaba alnan we hasaba alynmadyk dini azlyklaryň dini azlyklaryň öýlerine we ybadathanalaryna yzygiderli reýd geçirip, olaryň edebiýatlaryny alýarlar we ynanýanlary wagtlaýyn tussag astynda saklaýarlar. Ep-esli wagtlap türmede hem saklansalar, protestantlar we Ýegowanyň şaýatlary 15 güne çenli wagt bilen dini ynançlary üçin tussag edilýär. Soňky ýyllarda Ýegowanyň şaýatlarynyň ýaňsylanýandygy, olara haýbat atylýandygy, okuw jaýlaryndan we işlerinden çykarylýandygy barada maglumatlar bar. Gelip çykyşy türkmen bolan protestantlar il ýaşulylarynyň öňünde ýygnalandygy, olaryň “ata-babalarynyň dinine” dönüklik etmekde aýyplanandygy we hristian dininden çykmaklary üçin mejbur edilendikleri barada habarlar bar. Muňa garamazdan, degişli edaralaryň maglumatlara berk gözegçilik edýändigi we jemgyýetleriň öz hukuklarynyň bozulýandygy barada habar berenlerinde ar alynmakdan gorkýandyklary sebäpli yzarlamalar barada hasabatlar san taýdan çäkli.

***Ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýänler:*** Türkmenistanda ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýänler üçin goşmaça raýat-harby gullugy ýok. Şeýle gullukdan ýüz öwürýänler iki ýyl azatlykdan mahrum edilip bilinýän hem bolsa, Türkmenistanyň degişli gulluklary tarapyndan 2014-2017 ýyllary aralygynda iş gozgalan onlarça raýata aýlyk haklarynyň bir bölegini döwletiň haýryna geçirmek arkaly şertli ýyl kesme ýa-da “zähmet arkaly düzediş” şertlerinde jeza berildi.

BMG we Ýewropanyň Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG, iňlisçe “OSCE”) gaýta-gaýtadan ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz öwürýänleri kazyýete çekmegiň adam hukuklary bozulmasy bolýandygyny aýdyp, Türkmenistany goşmaça harby-däl gullugy girizmäge çagyrýar. 2018-nji ýylyň maý aýynda, BMG-niň Türkmenistan boýunça Köpugurly döwürleýin syny barada Iş toparyurged hökümeti “dini ynanjy sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýänleriň hukuklaryny ykrar etmäge” çagyrdy, Türkmenistanyň hökümeti köpugurly harby gullugyna salgylanyp, teklibi ret etdi.

2018-nji ýylda Türkmenistanyň hökümeti aýyplamalaryň ýygylygyny köpeltdi we dört ýyldan soň ynanjy sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýänleriň tussag döwrüni gaýtadan girizdi. 2018-nji ýylyň ýanwaryndan bäri degişli gulluklar ynanjy sebäpli harby gullukdan ýüz öwüren 10 sany Ýegowanyň şaýadyny azatlykdan mahrum etdi. Olaryň dokuzysyna bir ýyl kesilen bolsa, 19 ýaşly Mekan Annaýew bolsa iki ýyl azatlykdan mahrum edildi. “Forum 18” internet saýtynyň habaryna görä, Annaýew ilkibaşda 2017-nji harby gulluga gitmekden ýüz öwürdi, oňa Türkmenbaşy şäheriniň baş ymamy tarapyndan düşündiriş işleri geçirildi. 2018-nji ýylyň iýun aýynda geçirilen kazyýet işinde, kazyýet duşuşygyna başlyklyk eden Türkmenbaşy şäheriniň baş kazysy Annaýewi we ähli Ýegowanyň şaýatlaryny “dönük” diýip yglan etdi. Iýul aýynda bolsa Ýegowanyň şaýady Ihlosbek Rozmetow Walijon ogly harby gulluga gitmekden ýüz dönderendigi üçin onuň işine Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje etrabynda kazyýetde däl-de harby wekilligiň mejlisler zalynda seredildi.

***Hökümetiň içerki dini işlere goşulmagy:*** Türkmen hökümeti dini jemgyýetleriň içerki ýolbaşçy saýlaýyş we guramaçylyk işlerine goşulýar. Sünni musulmanlaryň Müftüligi (Musulmanlaryň ruhy administrasiýasy) döwlet tarapyndan berk gözegçilikde saklanyp gelinýär. Müfti we müftiligiň ýokary derejeli işgärleri Adalat ministrligi tarapyndan wezipä bellenilýär, olar DGIT-iň işgärleri hökmünde işleýärler we beýleki dini toparlaryň işjeňliklerine gözegçilik edýärler. Müftilik ymamlary, şol sanda etrap derejesindäkileri wezipä belleýär; ymamlar bolsa ýerli mollalary işe belleýärler. Wezipeler gizlin gulluk tarapyndan tassyklanmaga degişli. Anna güni geçirilýän juma namazyndaky wagyzlarda döwletiň taglymaty berilýär, Adalat ministrligi ymamlaryň käbir temalar barada gürrüň etmegini gadagan edýär, olar prezident üçin ýagşy dilegler bilen jemlenýär.

Käbir sünni musulmanlaryň metjitlerine we Moskwanyň Patriarhat rus prawoslaw kilisesinde (MPRPK) berilýän esasy bilimden daşgary resmi dini bilim bermek düýbünden gadagan edilýär. Dini toparlar leksiýalary, okuwlary ýa-da okuw maksatnamalaryny geçirip bilmeýärler. Muňa kadadan çykma hökmünde sünni musulmançylygy okadýan we ymamlary okatmaga ygtyýarly Aşgabat şäherindäki Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Ylahyýat bölümi görkezilip bilner.

***Ybadathanalara girizilen çäklendirmeler:*** Hasaba alnan dini jemgyýetleriň gozgalmaýan emläkleri satyn almaga hukugy bardyr, emma ybadathana gurmak üçin DGIT-iň we ýerli hökümet edaralarynyň rugsaty gerek bolýar. Iş ýüzünde dini jemgyýetler dini hyzmatlary bermek, ybadathanalary gurmak we satyn almakda kynçylyk çekýärler. Türkmenistanyň degişli edaralary paýtagt Aşgabat şäherinde dini jemgyýetlere öwez dolmasyz 14 sany metjidi ýykdylar.

***Hökümetiň dini edebiýatlara gözegçiligi:*** Türkmenistan köp sanly dini neşirleri gadagan etmäge dowam edýär, döwlet edaralary dini edebiýatlary dowamly konfiskasiýa edýärler. Türkmenistanda örän az sanly edebiýatlaryň bardygy sebäpli, Gurhan we Injil ýaly dini kitaplary tapmak aňsat däl. 2018-nji ýylyň dekabrynda degişli gulluklar Türkiýe döwletinden Türkmenistana Gurhan kitabyny getiren bir aýaly 24 sagatlap tussaglykda saklady. Ol ahyrynda boşadyldy, emma kitaplar alyndy. Diňe hasaba alnan dini toparlar dini edebiýatlary berk senzura şertlerinde kanuny tertipde ýurduň çägine getirip bilýärler. DGIT ähli dini ýazgylary gözden geçirýär we “Tassyklandy” möhürini basýar, möhürsiz resminamalar konfiskasiýa edilmäge degişli bolup, fiziki şahslara jerime töledilýär ýa-da olar tussag edilýär. MPRPK-niň tassyklanan dini eserleri satuwa çykaryp bilýändigine garamazdan, protestant kiliseleri hristian gollanmalaryň mahabatyny etmek we olary ýerlemek üçin Injil jemgyýetini hasaba aldyryp bilmediler.

***Daşary ýurtlara syýahatçylyga we dine döwlet çäklendirmesi:*** Türkmenistanyň hökümeti öz raýatlarynyň daşary ýurtlardaky dini hereketlerini çäklendirýär, muňa ylaýta-da syýahatçylyga

dini maksatly gidilýär diýip şübhelenilen ýagdaýlary degişli. Bu syýasata 110.000 sany Russiýanyň hem-de Türkmenistanyň raýatlygy bolan şahslaryň, esasan rus prawoslaw hristianlarynyň daşary ýurtlarda dindeşleri bilen duşuşmagy we dini okuwlary geçmegi girmeýär. Muňa garamazdan, musulmanlaryň dini bilim maksady bilen daşary ýurda syýahatçylyga gitmegine rugsat edilmeýär. 2018-nji ýylda hökümet her ýyl Mekge şäherine 1500-den gowrak adamyň haja gitmegine rugsat berýändigini barada maglumat berdi, emma bu maglumat öňki ýyllardan bäri alnan görkezijilerine çapraz gelýär. Mysal üçin, 2017-nji ýylda bary ýogy 160 adam haja gidipdir, bu görkeziji 2009-njy ýyldan bäri alnan iň pes görkeziji.

2018-nji ýylyň ýanwar aýynda Türkiýeden Türkmenistana gelýän ähli zenanlaryň, ylaýtda-da Türkiýede ýaşaýyş rugsatnamasyny alanlaryň we hijab geýenleriň Aşgabat Halkara Aeroportynda öz dini ynanç-ygtykatlary barada gysga soraga çekilendigi barada maglumatlar bar. Degişli edaralar şeýle-de şol aýallaryň öýjükli telefonlaryny aldylar we olaryň jemgyýetçilik torlaryndaky hasaplaryny barladylar.

Hökümet şeýle-de özüniň daşary ýurtda okaýan talyplaryny gözegçilikde saklamaga we birahat etmäge dowam edýär. 2018-nji iýun aýynda, Türkmenistana dolanyp gelýän talyplaryň Milli howpsuzlyk ministrliginiň edara binasyna “gepleşik geçirmek” maksady bilen gelmekleri talap edildi, gepleşikleriň dowamynda olaryň dostlary we tanyşlary bilen gatnaşyklary üýtgedilmäge çalşyldy, dini işjeňlikleri barada sorag geçirildi.

2018-nji ýylyň ýaz aýlarynda geçirilende ýapyk geçirilen kazyýet duşuşygynda Ömriuzak Omarkulyýew dönüklikde aýyplanyp, 20 ýyl azatlykdan mahrum edildi. Omarkulyýew Türkiýe döwletiniň Osmaniýe Korkut Ata uniwersitetiniň ikinji ýyl talyby we Türkmenistanyň Ankara şäherindäki ilçihanasynyň gözegçiliginde saklanýan resmi däl türkmen talyplar toparyna ýolbaşçylyk edýärdi. Ol 2018-nji ýylyň fewral aýynda Aşgabat şäherinde geçirilýän saýlawlardan öňki okuwa gatnaşmak bahanasy bilen degişli gulluklar tarapyndan Türkmenistana çagyryldy. Onuň tussag edilmezden öňürti Türkiýä uçmagyna rugsat berilmedi, ol ýapyk kazyýet işinde tussag edildi we aýyplandy. Onuň hasabat döwrüniň ahyrynda Owadandepe türmesinde saklanýandygy çaklanylýar.

**ABŞ-nyň syýasaty**

ABŞ-nyň alyp barýan syýasatynyň merkezinde soňky onýyllygyň dowamynda Owganystanda dowam edýän urşy bolup, bu sebitdäki adam hukuklary we dini azatlyklary baradaky meseleler ileri tutulmady. Muňa garamazdan, ABŞ-nyň goşun güýçlerini bu sebitden çekmek häzirki ýagdaýa oňaýsyz täsir edip biler.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Türkmenistanda onuň Eýrana we Owganystana golaýlygy, onuň iri tebigy gaz gorlary sebäpli howpsuzlyk we ykdysady ugurlarynda bähbitleri bar.

Türkmenistan özüniň bitaraplyk statusyna garamazdan Demirgazyk paýlaýyş ulgamyndan ABŞ-nyň goşunlaryna we daşary ýurtly goşunlara serişdeleriň geçirilmegine, ABŞ-nyň ölüm howply däl ýükli uçuşlary üçin ýangyç serişdeleri bilen doldurylmagyna mümkinçilik berdi. Geçen ýyllarda terrorçylyga garşy operasiýalarynyň dowamynda ABŞ-nyň Aýratyn operasiýalar boýunça güýçleriniň Türkmenistanyň "her ýagdaýa aýratyn seretmek şertlerinde" rugsat bermeginde Türkmenistanyň çägine girmegine rugsat edildi.

2018-nji ýylyň iýul aýynda, ABŞ-nyň wekiliýeti Gazagystanyň Almaty şäherinde we Özbegistanyň Taşkent şäherinde Merkezi Aziýanyň bäş döwletiniň hem-de Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň daşary işleri ministlerini köptaraplaýyn meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyna mümkinçilik beren C5+1 formatly ministrleriň duşuşygynagatnaşdy. Muňa garamazdan, bu gepleşiklerde adam hukuklaryna degişli meseleleriň üstünde däl-de, öňden bolup gelşi ýaly sebitleýin hyzmatdaşlyk, ABŞ-nyň maýa goýumlary, terrorçylyga garşy göreşmek, daşky gurşawy goramak barada meseleleriň üstünde durlup geçildi.

Ýyllyk ikitaraplaýyn geňeşler (ÝIG-ler, iňlisçe "ABCs") Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň we Türkmenistanyň dürli ikitaraplaýyn meseleleri, şol sanda sebitleýin howpsuzlyk, söwda-ykdysady we medeni-jemgyýetçilik gatnaşyklar hem-de adam hukuklary babatda meselelerini ara alyp maslahatlaşmagy üçin mehanizmi bolup hyzmat edýär. 2016-nji we 2017-nji ýyllarda ÝIG-leriň mejlisleri geçirilmändigine garamazdan, Döwlet sekretarynyň Merkezi Aziýa işleri boýunça orunbasarynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Emilia A. Pumanyň Aşgabat şäherine sapary bilen geçirilmäge dowam edildi. Wekiliýet gepleşikleriň dowamynda adam hukuklary barada meseleleri hem ara alyp maslahatlaşdylar.

Soňky ýyllarda ABŞ-nyň BMG-de bu meselelere beýleki döwletler bilen bilelikde gatnaşmagy Türkmenistanyň adam hukuklary we dini azatlyklary boýunça meselelerini çözmegi üçin beýleki platformany ýüze çykardy. 2018-nji ýylyň maý aýynda, Amerikanyň Birleşen Ştatlary BMG-niň Köpugurly döwürleýin synynyň çäginde "dini-ygtykat azatlyklaryny, pikiriňi beýan etmegi we hereket etmegi" çäklendirýän işleri bes etmek boýunça aç-açan maslahatlary berdi.

2018-nji ýylyň noýabr aýynda, Döwlet Departamenti IRFA esasynda Türkmenistany gaýtadan AADÝ diýip belledi, bu ilkinji gezek 2014-nji ýylda bolup geçipdi. Muňa garamazdan, Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen dowam edýän howpsuzlyk ugrundaky hyzmatdaşlygyň çäginde Döwlet Departamenti ABŞ-nyň döwlet bähbitleri üçin ony ýatyrypdy.